# Kemine

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kemine KEMINE

Kalbynda bezäp adyňy,
Toý tutýar iller, Kemine.
Ýaýradyp şan-şöhratyňy,
Wasp edýär diller, Kemine.

Durmuş girdabyna düşdüň,
Döwür kapas, sen bir guşduň,
Ýoksuzlykdan ýanyp-bişdiň,
Agyrdy hallar, Kemine.

Pirleri çürkäp diliňde,
Taýyndy galam eliňde.
Tebsiräp gezen çölüňde
Akdyrýas siller, Kemine.

Nesilleriň azat gezýär,
Şägirtleriň şygyr düzýär,
Seň heýkeliň daşyn bezýär,
Ter gunça-güller, Kemine.

■ MOLLANEPES

Goşgy ýabyn arçap-artan,
Mollanepes, Mollanepes.
Söz bagynyň gülün çürten,
Mollanepes, Mollanepes.

Söýgä berdiň sen yhlasy,
Goşgulaň onuň günäsi,
Yşk mülküniň bolduň şasy,
Mollanepes, Mollanepes.

Äşgär etdiň yşkyň syryn,

Eserleriñ aldy orun,
Seçdiñ saýlap sözleñ dürün,
Mollanepes, Mollanepes.

Tahyr boldy Hoja Anna,
Zöhre onuñ mydam ýanna,
Toý tutýarys olañ şanna,
Mollanepes, Mollanepes.

Kanal çöli söküp barýar,
Guma jähek çekip barýar,
Ylhamyñ dek akyp barýar,
Mollanepes, Mollanepes.

Çary GURBANGYLYJOW. Goşgular